***Öňde duran forum – BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahaty baky Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy, BMG-niň döredilmeginiň 80 ýyllygy bilen utgaşýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna aýratyn ýaraşyk, taryhy dereje berer. Munuň özi türkmen diplomatiýasynyň nobatdaky ajaýyp üstünligine öwrüler. Milli Liderimiziň «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesiniň, «Dialog — parahatçylygyň kepili» filosofiýasynyň barha ilerleýändigini, işjeňleşýändigini ýene bir ýola jümle-jahana ýaýar.***

Maslahat dünýä ilatynyň 7 göterimine golaýyny emele getirýän we 32 ýurtda ýaşaýan 570 milliondan gowrak ilatyň geljegi bilen gönüden-göni baglanyşykly örän möhüm duşuşyk bolmak bilen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň mümkinçiliklerini herekete getirip, oňyn hyzmatdaşlygy ilerletmegi maksat edinýär. 32 ýurduň 16-synyň Afrikada, 12-siniň Aziýada, 2-siniň Latyn Amerikasynda, 2-siniň Merkezi we Gündogar Ýewropada ýerleşýändigi bolsa ony bütindünýä ähmiýetli syýasy çärä öwürýär.

Forumda innowasion çözgütleriň öňe sürülmeginiň, strategik hyzmatdaşlygyň ilerledilip, maýa goýumlaryň artdyrylmagynyň bar bolan meseleleri çözmäge, täze mümkinçilikleri açmaga ýardam etjekdigi şübhesizdir. Şunda söwdanyň ýeňilleşdirilmegini, infrastrukturanyň ösüşini, ykdysady köpugurlylygy üpjün etmek, daşary ýurt maýa goýumlaryny artdyrmak, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ýaly ugurlara aýratyn orun degişlidir.

Maslahatyň jemleri boýunça Hereketleriň Awaza maksatnamasynda-da beýanyny tapjak bu ugurlaryň möhümligi bolsa hemmeler üçin has adalatly we rowaç geljegi gurmak babatdaky ählumumy maksatdan asla üzňe däldir. BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, az derejede ösen, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar hem-de kiçi ada döwletler boýunça Ýokary wekili Rabab Fatimanyň sözleri bilen aýtsak, munuň özi “Hiç kimi yzda galdyrmazlyk” ýörelgesine eýerip, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlarda ýaşaýan millionlarça ilatyň durmuşynda düýpli üýtgeşmeleri girizmek ýaly asylly maksada umumy ygrarlylygy görkezmäge ajaýyp mümkinçilikdir.

**Toýlynyýaz ŞIRMÄMMEDOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026